# Nätanyş / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Nätanyş / hekaýa NÄTANYŞ



Nirelerdir bir ýerlerde men, ýagny meniñ ejemiñ söwer ogly, aýlanyp ýör. Ötegçiler ony görýärler, oýlanýarlar: nätanyş! Ol nähili nätanyşmyş! Onuñ ruhy bireýýäm bedeni bilen birigip gitdi. Ol aýlanyp ýör, aýlanyp ýör, ýadanynam bilenok. Ol aýnalara-da garanok, geçip barýanlara-da tiñkesini dikenok, emma bar zady görýär. Onuñ gözleri özüne garşy gönügen, ol özüne bakýar. Ol ýalñyz, ol ýalñyz agaç ýaly, jaý ýaly, planeta ýaly, tebigatyñ ýalñyzlykda ýaradan bar zady ýaly – ýalñyz, ýöne ummasyz şäheriñ içinde ýitip giden däl. Ýok, onuñ entek jahylka gazanan, göreşip alan öz orny bar: pişiklije otagy, durmuşyñ syýyndan berk ýapyşýan, gijäniñ bir wagtyna çenli çyrasyny söndürmän oýlanýan otagy bar.
Nirelerdir bir ýerlerde men – ejemiñ söwer ogly ygyp ýör. Ony görüp, ötüp-geçip barýanlar oý edýärler: nätanyş! Ol nähili nätanyşmyş?!
Akmyrat ŞIR. Hekaýalar